# Baş alyp çykabilmedim

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Baş alyp çykabilmedim BAŞ ALYP ÇYKABILMEDIM

Wagty: 2017-nji ýylyň 29-njy apreli.
Ýeri: Stambul-Maslak.
**«GEM TV»** mediýa topary **«Ajaýyp asyr»** («Muhteşem Yüzyıl»), **«Garadaýy»** («Karadayı»), **«Ýaprak dökümi»** («Yaprak Dökümü») ýaly türk teleseriallaryny görkezme hukugyny satyn alyp, Ýakyn Gündogaryň arap ýurtlarynda ýaýlyma berýän şereket…
Eýesi-de asly eýranly iňlis raýaty 45 ýaşly **Said Karimýandy**…
Karimýan kuweýtli şärikdeşi 46 ýaşly **Muhammet Mer-al Mutairi** bilen agşamara ofisinden çykyp, «Mersedes» awtoulagynda Aýazaga köçesiniň ugry bilen barýarka, duýdansyz ýagdaýda öňüni ak reňkli «Jeep» awtoulagy kesdi…
«Jeep»-iň öňki we yzky gapysyndan iki sany gara ýapynja bürenen adam çykdy… Olar Karimýanyň oturan awtoulagyna golaýlaşyp, ot açmaga başladylar…
On üç ýerinden ok giren Karimýan wakanyň bolan ýerinde, dört ýerinden ok giren Mutairi hassahanada jan berdi…
Wakadan birküç sagat soň ak «Jeep» ýanan halda tapyldy…
Jenaýaty kim, näme üçin etdi?
Bir çaklama görä… Eýran döwletini Karimýanyň telegepleşikleri ynjalykdan gaçyrýardy. Onuň Tährandaky ofisine-de polisiýa dökülipdi. Tährandaky sudlaryň biri Karimýany gaýybana sud edip, ony antipropoganda geçirmekde aýyplap, alty aý türme tussaglygyny beripdi.
Sürgündäki eýranly oppozisiýasynyň pikirine görä, “Karimýany Eýranyň «Rewolýusion gwardiýasy» öldürdi!”
Hakykat nämedi?
Ýene bir jenaýaty gürrüň bereýin…




- **IKI KILLER DOGAN**

Wagty: 2019-njy ýylyň 14-nji noýabry.
Ýeri: Stambul-Şişli Esentepe.
**Masoud Molawi Wardanjani** ýaňy otuz üç ýaşyna gadam basypdy. Eýranyň gelejegine bil baglanýan zehinli ýaşlarynyň biridi. Eýranyň Goranmak ministrliginiň Kiber gorag müdirliginiň ştabynda işleýärdi. Ol uçarmansyz istrebitelleriň kiber tehnologiýasynyň üstünde işleýärdi…
Birdenem… 2018-nji ýylyň martynda Stambula gaçdy. **«Telegram»** habarlaşma platformasyndaky **“Black Box”** wideokanalynda eýran režimi hakynda gepleşikler bermäge başlady. Mysal üçin:
“Gäbazan mafiýa serkerdeleriniň köküni gazjakdyryn. Doga ediň, men bu işi etmänkäm, olar meni öldürmesin.”
Bu sözlerden üç aý üç gün geçensoň…
Öýden kän daşyna çykmaýan Wardanjani Stambula gelende tanşan adamy **Aly Esfanjanynyň** teklibi bilen gezim etmäge çykdy…
Wardanjana golaýlaşan näbelli biri oňa ýakyn aralykdan ujuna ses ýatyryjy dakylan ýarag bilen ot açyp gaçdy.
Wardanjani öldi.
Özüni “eýranly opozisioner” diýip tanadan Aly Esfanjany sumat

boldy, has soñra onuñ Agrynyñ üstünden Eýrana gaçandygy belli boldy…
ABŞ-nyñ Daşary işler ministri **Maýk Pompeo** Eýrany «Wardanjani jenaýatyny» gurnamakda aýyplady.
Hakykat şundan ybaratmydy?
Karimýany we onuñ şärikdeşi Mutairini Eýran öldürdipmidi?
Stambulyñ Içeri işler müdirligi we ýurdumyzyñ Howpuzluk gullugy bu boýunça jikme-jik barlaglary geçirdi. Netijede hakynatutma ganhordugy aýdylýan **Abdylwahap Koçak** ele salyndy.
Täsin ýeri şudy: Ol Karimýany we Mutairini öldürip sumat bolan gözlegdäki gaçgak bilen **Aly Koçak** bilen dogandy!
Şol sanda, Aly Koçak geroin söwdasyny etmekde gözlenýän eýranly Naji Şerifi Zindaştiniñ sürüjisidi!
Orta çykýan deliller Eýrana yşarat edýärdi…
Emma… bärde kelläni bulaşdyrýan zatlaram bardy:




- **FETÖ BAGLANŞYGY**

Eýranly Zindaşti 1974-nji ýylda Hakkari Ýüksekowa raýonynyñ Urmiýe obasynda doguldy. Onuñ maşgalasy kürtleriñ zindaşti diýen uly taýpasyndandy.

Zindaşti 1994-nji ýylda Eýranda geroin söwdasyna garşy geçirilen operasiýada ele salyndy. Ölüm jezasyna höküm edilenden soñ Tähranyñ **«Ewin»** türmesinde «Rewolýusion gwardiýanyñ» bir esgerini öldürip gaçdy.

Öñ aradan çykan garyndaşy **Kamal Şerifi Seýdanynyñ** pasporty bilen Türkiýä geldi. Öýlendi. Çagaly-çugaly boldy.

2007-nji ýylda Stambulda ele salnan 74 kg geroinde onuñ eliniñ bardygy güman edilip, hut şol Kamal Şerifi Seýdany galp ady bilen tussag edildi.
Şol wagt «Ergenokon» dawalarynyñ başlan wagtydy. Prokuror **Zekeriýa Öz** Zindaşti bilen türmede duşuşdy. Ol Zindaştiden FETÖ sudýalarynyñ öñüni açmak üçin «Balýoz» dawasyna seredýän sudýa **Zafer Başkurty** we «Ergenekon»[/b] dawasyna seretmeli sudýa **Erkan Janaky** nyşana alan görkezmeleri aldy. Prokuror Öz başga aklawjylar babatda-da şeýtdi!
Zindaşti **"Terezi"** lakamy bilen gizlin şaýat tutuldy. Munuñ deregine türmeden boşadyldy…
Zindaştiniñ FETÖ bilen baglanşygy munuñ bilenem çäklenenokdy. Ol FETÖ agzalygyndan tussag edilen ABŞ-nyñ Stambuldaky konsullygynda işlän **Metin Topuz** bilen 2007-2013-nji ýyllarda jemi otuz gezek görüşdi. Şeýle-de şol wagtlar FETÖ-nyñ sudýa ymamy **Ahmet Jan** bilenem ýigrimi sekiz gezek görüşipdi. Onuñ FETÖ duşuşyklary bular bilen gutaranokdy. Añlajaga şular bes.
FETÖ-nyñ Eýrana garşy duşmançylygyñ bardygy herkese mälim. Olaryñ Zindaştiniñ ýokarda agzalan jenaýatlaryna meñzeş jenaýatlary etdirendigini-de bilmeýän ýok.
Jenaýatlaryñ başyndaky Zindaşti iñ soñky gezek 2018-nji ýylyñ 5-nji aprelinde ele salyndy, 2018-nji ýylyñ 11-nji oktýabrynda **Burhan Kuzunyñam** adynyñ geçen skandal karary bilenem jogapkärçilikden boşadyldy! Yzyndanam ony gören-bilen bolmady…
Indi kim aýdyp biljek: kimiñ eli kimiñ kisesinde?
Kärdeşim **Timur Soýkanyñ** Zindaşti barada ýazan **«Baronlaryñ söweşi»** kitabyny hökman okañ. **Geroin söwdasy-syýasat-sud** üçburçlugynda nämeleriñ bolup geçýändigini bilseñiz ynanjagyñyzy-ynanmajagyñyzy bilmän galarsyñyz…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 27.11.2020 ý. Publisistika